# Ýüwrük Robik / hekaýa

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýüwrük Robik / hekaýa ÝÜWRÜK ROBIK




Biz onuň bilen bir awtoulagda gidip barýardyk. Edaramyzy Raýso--Aýwi dagyndan Kualu derýasyna göçürýärdiler. Ikisiniň arasyndaky uzaklyk kyrk kilometr çemesi bardy.
Ulagy ýaşy durguşan, ak göwünli, tejribeli sürüji Ýaşa daýy dolandyrýardy.
Öňden barýan ulagyň sürüjisi bolsa egni ala köýnekli, kellesi başgaply Wasýaatly ýaş ýigitdi.
Onuň işe kabul edilenine bary ýogy iki gün bolupdy. Onuň ulagyna hiç kim münmändi, oňa diňe goşgolamlary – çadyrlary, düşekleri, odundyr paltalary ýükläpdiler.
Ýolumyz nikel händekleriniň deňinden geçýärdi. Olar ýanardag kimin düýpsüzd iwe haňlap ýatyrdy. Hol aşakdan ýasy burunlaryny asmana tutup, «ýaroslaw» ýük ulaglary kynlyk bilen süýrenişip gelýärdi. Radiatorlarynda aýy
şekilleri ýaldyrap görünýän bu ulaglar çägesöw garamtyl nikel magdanyny daşaýardylar. Motoryň gürrüldisinden olaryň hetdenaşa agyrdygyny çaklasaň bolýardy.
Köp gatnawly magdan ýoly bahym yzda galdy. Ýaşa daýy asfaltsyz

çarkandak ýoldan bizi haýaljakdan we diýseň seresaplylyk bilen alyp gitdi.
Wasýa bahym epesli öňe saýlandy.
Bahym, güpläp agyr gar ýagyp başlady. Ol topraga galtaşdygy läbige öwrülýärdi. Biz ýüzümizi aňzakdan goramak üçin ýapynjalarymyzyň baş
gaplaryny kellämize çekdik. Dogrusy, Arktikada gezip ýören halyňa sowukdan nädip goranjak diýsene Töwerekde pudaklarynda buzlar asyl-asyl bolup duran ýagellerden[1] başga ösümlik görjek gümanyň ýokdy. Onsoňam häzir tomsuň
suwly gary telpekläp ýagýardy. Üstesine, ýelem
şuwlaýardy.
Biz kötel ýoldan ýokarlygyna galyp barýarkak, birdenkä Ýaşa daýyň ulagynyň motory alagalmagal etdi, soňrada sen-men ýok sem boldy.
Awtoulag ýuwaşlyk bilen aşaklygyna tigirlenip başlady. Birki ýola zor gören startýoram hatardan çykdy. Motory gaýtadan otlamak üçin edilen synanyşyklaryň hiç biri netije bermedi. Ulag
öz maýdalyna baýryň düýbüne çenli yzlygyna gaýdyp, ahyry säginensoň, Ýaşa daýy kabinadan
çykdy. Ol motoryň gapagyny açjak ýada tow
berýän burgyny towlajagam bolup durmady.
Onuň ýüzünde tukatlygyň we ýazyklylygyň alamatlary görünýärdi.
Ýaşa daýy:
– Huşum gursun! – diýip, ganygyzgyn seslendi. – Ýigitler, ýangyjymyz gutarypdyr.
Ugramankak barlap görmändirindä. Buýa bolmadow. Indi nätsekkäk? Hany, gygyryň, belki, Waska eşider.
Waska nädip eşitsin diýsene! Ol daş töweregine äň edip durasy ýokla. Ýolam bir ahyryn.
Ine, ol baýryň depesine çykdy, sähel salymdan gerişden aňryk aşar… Biz bogazymyza sygdygyndan gygyryşdyk, sykylyk atdyk, ulagyň zoguna basdyk. Hatardan çykan ulagyň içinde biz eýýäm sowukdan ýaňa saňňyldap, hatda umytsyzlyga düşüp başladyk.
Birdenkä naw ýaly uzyn boýly, sakgaly syrylmadyk bir ýigit egnindäki ýapynjasyny ýere taşlap, ulagdan böküp düşdi we bar güýji bilen ýortup başlady. Biz onuň türgeniňki kimin ýeňil we

çalasyn ädim ädişine aňkaryp galypdyrys. Ýaşa daýy:
–Bu ýigit her näçe ýüwrük bolsada, ulagyň
yzyndan kowup ýetmez, mümkin däl. Baza dolanmak gerek–diýdi.
Ýöne ol baza gitmän, ýelgamak ýaly ýigidiň
arkasyndan garady durdy. Biz indi Ýaşa daýyny diňlämzokdygam.
Duranlaryň ýekýarymy:
«Robigiň ulagyňyzyndan ýetäýmegem ähtimal»
diýse, käsi «Robik tükgerip galar» diýýärdiler.
Wasýanyňulagyeýýämgözdengaýypbolupdy.
Ol depeden aňryk aşypdy. Robik baýyrdan ýokarlygyna ylgap barýardy, syrap ýagýan gardan
ýaňa aýaklaryny saýgaryp bolmaýardy. Bir gara baýryň ýüzünde ýeňillik we çakganlyk bilen süýşüp barýardy. Soňra Robigem gözden ýitdi.
Biziň ellerimizi owkalaşdyryp, aýaklarymyzy tarpyldatmakdan hemde Ýaşa daýyny köşeşdirmekden başga alajymyz ýokdy. Biz« Durmuşda her hili zat bolup bilýär… Bolduň meniň başyma kowup ýetjek ýüwrük. Baza gideliň…» diýişdik.
Baza diýýäniň niredekä?Kyrk minut çemesi wagtdan soň Wasýanyňulagy göründi. Ol indi bize tarap gelýärdi. Ol depäniň üstüne çykansoň,«ynha,häzir barýan» diýen şekilde zoguny çaldy. Ählimiz ulaga bakan daz ýasadyk. Herkim ylgap barşyna, özi hakda, Robik hakda, öz aýaklarydyr ýüregi hemde demgysmasy… barada oýlandy öýdýän. Herkim: «Men başararmydym?»
diýip pikir eden bolsa gerek.
Robik ulagyň basgançagynda durdy. Onuň
sakgally ýaňaklary gyzarypdyr, gözleri bolsa
şelaýynlyk bilen ýylp-ýylpe dýärdi. Hemişe sus Robigiň begenji içine sygmaýan borly, onuň erni bir ýere gelenokdy. Ol muny gizlejek bolubam durmady. Belkem, ol hut Kusuň , Bolotnikowyň we Brumeliň özlerini olimpiada oýunlarynda duýuşlary ýaly çäksiz bagtly duýandyr.
Sürüji Wasýa bize bar zady gürrüň berdi:
–Men gidip barýan, düşünýäňmi? Ulagyň tizligini artdyrýan. Birdenkä kimdir biri ulagyň üstüne münen ýaly takyrdy sesi eşidilip gitdi. Ulagy togtadyp ýetişmänkäm ol kejebege kakýar…
Ulagyň tizlik ölçeýji enjamyna seredip, onuň

ýedi kilometr geçendigini gördüm. Her niçikde bolsa, kowup ýetipdir. Bu herkesiň başaraýjak işi däl… Özem ädikli…

Hiç birimiz Robigiň tarypyny ýetirjek bolup durmadyk. Biz haýdan haý ýola düşmelidik. Ýaşa daýy diýseň şadyýan görünýärdi:

–Häzirjek oglanlar, häzir men ýangyç guýnaýyn, onsoň ýola düşeris.

Biz ulagyň ýangyjyny ýetirdik. Indi howada o diýen yzgarly däldi. Biziň her birimiz özümizden az-kem uýalýardyk– menden Robik bolmaz ahyryn.

---

[1] Ýagel – demirgazyk sugunlarynyň iýýän lişaýniginiň bir görnüşi.

**Gleb GORYŞKIN, rus ýazyjysy.**
**Terjime eden: Myrat GOŞLYÝEW**

*#«Dünýä edebiýaty» žurnalynyň N 1–2023 sanyndan alyndy* Çagalar edebiýaty